Türkmenistanyň Zahmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2017-nji ýylyň 17-nji martynda çykaran 18-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**Wahta iş usuly boýunça işi guramak barada Birkysmy düzgünnamany we Meýdan şertlerinde işleýän işgärlere meýdan üpjünligini tölemegiň Tertibini tassyklamak barada**

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 287-nji maddasyna laýyklykda ýurdumyzyň kärhanalarynda, guramalarynda we edaralarynda wahta iş usuly boýunça we meýdan işleri bilen meşgullanýanlaryň köpçülikleýin iş saparlaryna ugradylýandygyny göz öňünde tutup we bu şertlerde işe çekilýän işgärleriň kepillliklerini düzgünleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Wahta iş usuly boýunça işi guramak barada Birkysmy düzgünnamany; Meýdan şertlerinde işleýän işgärlere meýdan üpjünligini tölemegiň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň ministrliklerine we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna Wahta iş usuly boýunça işi guramak barada Birkysmy düzgünnamanyň we Meýdan şertlerinde işleýän işgärlere meýdan üpjünligini tölemegiň Tertibiniň tassyklanandygy barada habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetrilişine gözegçilik etmegi Ministriň orunbasary M.Sylapowa tabşyrmaly.

**Ministr** **S.Akmämmedow**

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty
durmuş taýdan goramak ministriniň
2017-nji ýylyň 17-nji martynda
çykaran 18-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

# Wahta iş usuly boýunça işi guramak barada Birkysmy düzgünnama

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Wahta iş usuly boýunça işi guramak barada Birkysmy düzgünnama (mundan beýläk – Düzgünnama) Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 287-nji maddasynda kesgitlenen şertleri berjaý etmek maksady bilen işlenilip taýýarlanyldy hem-de guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalarda, edaralarda we guramalarda, şol sanda Türkmenistanyň çäginde ýerleşen daşary ýurt ýuridik şahslarynyň şahamçalarynda (mundan beýläk – kärhana), ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahslarda – hususy telekeçilerde wahta iş usuly boýunça işi guramagy düzgünleşdirýär.

Şu Düzgünnamada zähmeti guramagyň wahta iş usulyny ulanmak bilen bagly göz öňünde tutulmadyk beýleki meseleler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çozülýär.

2. Wahta iş usuly – adamyň hemişelik ýaşaýan ýerine gündelik gaýdyp gelmegini üpjün edip bolmajak, onuň hemişelik ýaşaýan ýeriniň daşyndaky zähmet işini amala aşyrmagynyň aýratyn görnüşidir.

Bellenen işleri guramak adaty usullar bilen ýerine ýetirmek maksada laýyk bolmadyk ýagdaýynda kärhananyň ýerleşýän ýerinden önümçilik desgalary ep-esli uzak bolanda wahta usuly ulanylýar.

## II. Wahta usuly bilen işi alyp barmagyň tertibi

3. Wahta iş usulynda zähmet we dynç alyş düzgüni, iş wagtyny hasaba almak Türkmenistanyň Zähmet kodeksi, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramalary bilen ylalaşylyp, degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şeýle hem eýeçiligiň döwlete dahylsyz görnüşindäki kärhanalar tarapyndan tassyklanylan düzgünnamalar bilen düzgünleşdirilýär.

4. Zähmet işiniň gös-göni amala aşyrylýan desgalary ýa-da meýdançalary (mundan beýläk – desga) wahta usulynda iş ýeri diýlip hasap edilýär. Iş desgalarynyň ýerleşýän ýeriniň üýtgemegi bilen baglylykda, işgärleriň iş ýeriniň üýtgemegi olaryň başga işe geçirilmegi bolup durmaýar we işgärleriň razylygy talap edilmeýär.

5. Işgärleriň wahta iberilmegi gulluk iş sapary hasap edilmeýär.

6. Wahtanyň dowamlylygy desgada işleriň ýerine ýetirilýän döwrüni we wahta şäherçesinde, meýdan şäherjiginde, şeýle hem ýaşamak üçin beýleki ýörite enjamlaşdyrylan jaýlarda, çalşyklaryň arasyndaky dynç alyş wagtyny öz içine alýar.

7. Wahtanyň dowamlylygy bir aýdan ýokary geçip bilmez. Aýratyn halatlarda aýry-aýry desgalarda, kärhananyň kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň pikirini hasaba almak bilen iş beriji tarapyndan wahtanyň dowamlylygy iki aýa çenli artdyrylyp bilner.

8. Wahta iş usulynda çalşyp işleýän işgärler desgalarda bolan döwründe ýörite döredilýän wahta şäherçelerinde, meýdan şäherjiklerinde ýa-da ýaşamak üçin ýörite enjamlaşdyrylan beýleki jaýlarda (mundan beýlek-wahta şäherçeleri) ýaşaýarlar.

9. Zähmeti guramagyň wahta iş usulyny girizmek hakyndaky çözgüt, işleri alyp barmagyň beýleki usullary bilen deňeşdirlende ony ulanmagyň netijeliliginiň tehniki-ykdysady hasaplamalarynyň esasynda ýokarda durýan gurama bilen ylalaşylyp kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen bilelikde kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýär. Wahta usuly ulanmak bilen baglanyşykly harajatlar öndürlen önümleriň, ýerine ýetirlen işleriň (hyzmatlaryň) we daşamaklygyň özüne (harajatlaryň kesgitlenen derejesiniň çäginde) düşýän gymmatyna degişlidir.

10. Gurluşyk desgalarynda wahta usulyny ulanmagyň maksada laýyklygy gurluşygy guramagyň we beýleki taslama-tehnologik resminamalaryň taslamalary işlenip taýýarlananda tehniki-ykdysady hasaplamalara esaslanýar.

11. Gurluşyk, gurluşyk-gurnama we olara deňleşdirilen guramalaryň (mundan beýläk – gurluşyk guramalary) wahta iş usulynda işleri amala aşyrmak bilen baglanyşykly goşmaça harajatlary (wahta iş wagtynyň kadaly dowamlylygyndan artyk işlenen iş üçin dynç alyş günleriniň töleglerinden başga) gurluşyk desgalarynda ylalaşyk bahasy kesgitlenende gurluşyk işleriniň çenligine we ylalaşyk bahasynyň bellenilmeýän desgalary üçin çenlik resminamasyna buýrujy we taslama guramasy tarapyndan goşulýar.

12. Wahta usuly bilen ýerine ýetirilýän işleriň anyk möçberleri we görnüşleri gurluşyk potrat şertnamalary baglaşylanda, kömekçi potratçylyk guramalary üçin bolsa – kömekçi potratçylyk şertnamalary baglaşylanda potratçy we buýrujy tarapyndan kesgitlenýär.

13. Şeýle tertipde söwda, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň we guramalarynyň, saglygy goraýyş, bilim, tebigaty goramak edaralarynyň we beýleki wahta iş usuly bilen işleýän işgärlere hyzmat etmek boýunça ýüklenen işleri guramagyň wahta iş usuly bilen baglanyşykly goşmaça harajatlaryň öwezini dolmak üçin serişdeler göz öňünde tutulýar.

14. Gurluşyk guramalaryň ýolbaşçylaryna ykdysady taýdan maksada laýyk bolanda haçan-da guramanyň ýerleşýän ýerinden iş ýerine we yzyna gaýdylanda işgärlere gündelik üç sagatdan köp wagt sarp etmek talap edilende wahta usuly bilen işleri ýerine ýetirmegi guramak, ylalaşyk bahasy ýa-da çenlik resminamasy bilen kesgitlenen serişdeleriň çäklerinde rugsat berilýär.

15. Haçan-da ylalaşyk bahasynda ýa-da çenlik resminamasynda degişli şerişdeler göz öňünde tutulmadyk ýagdaýynda ýa-da olar ýeterlik bolmasa, gurluşyk guramalaryň ýolbaşçylary buýrujy bilen ylalaşmak arkaly, kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyp, wahta usulyny girizip bilerler. Şunda, wahta usuly bilen işleri girizmek tehniki-ykdysady hasaplamalaryň esasynda işleri geçirmek üçin harajatlaryň derejesiniň bellenen meýilnamasynyň çäklerinde kesgitlenilmelidir.

## III. Wahta usuly bilen işi guramak

16. Wahta usuly bilen işi, kada görä, zähmeti guramagyň we hak tölemegiň potratçylyk ýörelgelerini ulanmak arkaly ulaldylan toparlar (brigadalar) bilen ýerine ýetirilmelidir we wahta işgärleriniň yzygiderliligini we maddy gymmatlyklaryň abat saklanylmagyny üpjün etmelidir.

17. Wahtalaýyn (çalşyk) işgärleri wahta iş usuly bilen işleri ýerine ýetirýän kärhanalaryň wezipe sanawynda durýan we bu kärhanalaryň ýerleşýän ýerinde ýaşaýan işgärleriň razylygy esasynda toplanýar.

18. Wahta iş usulyna on sekiz ýaşa ýetmedik adamlar, göwreli aýallar we işleri wahta usuly bilen ýerine ýetirmäge lukmançylyk taýdan ýarawsyz hasap edilen adamlar çekilip bilinmez. Üç ýaşa çenli çagalary (on sekiz ýaşyna çenli maýyp çagasy) bolan aýallar wahta iş usulyna ýazmaça razylygy boýunça çekilip bilner.

19. Wahtalara işçileri we hünärmenleri guramaçylykly toplamak maksady bilen, ýokarda durýan gurama öz tabynlygyndaky kärhanalarda wahta iş usuly bilen işleri ýerine ýetirmek üçin işgärleriň razylygy bilen bir kärhanadan beýleki kärhana geçirip biler. Şunda, geçirmek hakyndaky buýrukda kärhananyň ýolbaşçysynyň zähmet şertnamasynyň möhleti gutarandan soň görkezilen işgärlere şol kärhanada öňki işini (wezipesini) bermäge borçludygy kesgitlenilýär. Buýrukda şeýle hem geçirmegiň maksady: “Wahta usuly bilen işlemek üçin” diýlip görkezilmelidir.

Görkezilen işgärleriň geçirilen kärhanalary olar bilen möhletli zähmet şertnamalaryny baglaşýarlar.

20. Işgärleri kärhananyň ýerleşýän ýerinden ýa-da iş beriji tarapyndan bellenilýän ýygnanyş nokadyndan wahta eltmek ulagyň ykdysady taýdan maksada laýyk görnüşleri bilen iş ýerine çenli we yzyna gaýdyşyn guramaçylykly amala aşyrylýar.

Işgärleri iş ýerine çenli we yzyna eltmek guramaçylykly amala aşyrylýan ýer ýygnanyş nokady hasaplanýar.

Işgärleri eltmek üçin wahta iş usulyny ulanýan kärhana degişli ulag hem ulanylyp bilner.

Işgärleriň ýaşaýan ýerinden ýygnanyş nokadyna çenli hem-de yzyna gaýdyşyn ýol tölegini, olaryň tassyklaýjy reminamalarynyň bar bolan ýagdaýynda kärhana tarapyndan öwezi dolunýar. Şunda, işgäre öwezini dolunmaga degişli bolan ýol tölegi üçin kadalaryny iş beriji özbaşdak işläp taýýarlap biler.

## IV. Wahta şäherçelerini guramak

21. Wahta şäherçeleri wahta usuly bilen işleýän işgärleriň wahtadaky dynç alyş döwründe ýaşaýşyny üpjün etmek, şeýle hem gurluşyk we ýörite tehnikanyň, awtoulagyň we haryt-maddy gymmatlyklarynyň gorlaryny saklamak üçin niýetlenen ýaşaýyş, medeni-durmuş, sanitariýa we hojalyk jaýlarynyň we desgalarynyň toplumydyr.

Wahta şäherçelerine tehniki we durmuş hyzmaty, kada görä, wezipe sanawyndaky degişli çalşyk işgärlere laýyklykda üpjün edilýär.

22. Wahta şäherçeleriniň saklanylmagy, olardaky işgärlere durmuş we medeni hyzmatyň guralmagy üçin jogapkärçilik, kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp tassyklanylan içerki düzgün-tertibine laýyklykda, balansynda wahta şäherçesi durýan iş berijiniň üstüne ýüklenilýär.

23. Wahta şäherçeleri – şäherçäniň Baş meýilnamasyny goşmak arkaly birkysmy ýa-da ýörite taslamalar boýunça bina edilýär we ýerli ýagdaý bilen baglaşdyryp jaýlaryň düzümini, elektrik-suw we ýylylyk üpjünçiligini, aragatnaşyk serişdelerini, oňa alyp barýan ýollaryň we uçuş gonuş zolagynyň çyzgylaryny, işgärleri eltmegiň esaslandyrylan usulyny, onuň gurluşygy we saklanylyşy üçin harajatlaryň çenligini öz içine alýar. Işgärleriň naharlanyşyny, dynç alşyny we boş wagtyny, saglygy goraýyş, sowda-durmuş we medeni hyzmatyny göwnejaý guramak bilen bagly meseleler taslamada göz öňünde tutulýar. Işgärleriň wahta şäherçesindäki ýaşaýan ýerinden iş ýerine çenli we yzyna işgärleriň ýolunyň wagtyny hemme taraplaýyn gysgaltmak wahta şäherçesiniň ýerleşjek ýeri saýlanylanda hökmany talap bolup durýar.

Taslama ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary, degişli kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy we Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy bilen ylalaşylýar hem-de kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar.

24. Wahta şäherçesiniň onuň ulanmaga berilmegine taýýarlygy topar tarapyndan kesgitlenilýär, onuň düzüminde ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň we kärhananyň dolandyryş edarasynyň wekilleri, meýdan desganyň ýolbaşçysy we zähmeti goramak boýunça hünärmeni, kärdeşler arkalaşyklarynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramalarynyň, söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň we Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň we tebigaty goraýyş edaralarynyň wekilleri goşulýar. Wahta şäherçesini ulanmaga kabul etmek hakyndaky toparyň ykrarnamasy kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar.

25. Wahtalaýyn (çalşyk) işlände işgärlerden umumy ýaşaýyş jaýlarynda ýaşaýanlygy üçin töleg alynmaýar. Potratçy we beýleki guramalar öz işgärleriniň

ýaşaýanlygy üçin sarp edilýän harajatlary wahta şäherçeleriniň ýerleşýän ýeri bolan degişli guramalara öwezini doldurýarlar.

Wahtaara dynç alyş döwründe wahta şäherçelerinde wahta (çalşyk) işgärleriniň we olaryň maşgala agzalarynyň ýaşamagy we ýerleşmegi gadagandyr.

## V. Işiň wahta usulynda zähmet we dynç alyş düzgüni, iş wagtyny hasaba almak

26. Kärhananyň aýratynlyklaryny hasaba almak bilen, iş wagtynyň düzgüni, her gündäki işiň (çalşygyň) dowamlylygy, işiň başlanýan we gutarýan wagty, gije-gündizdäki çalşyklaryň sany, iş günleriniň dynç alyş günler bilen gezekleşdirilmegi Türkmenistanyň Zähmet kodeksine, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, köpçülikleýin şertnamada, içerki zähmet düzgün-tertip kadalarynda kärhana tarapyndan bellenilýär.

Işleri guramagyň wahta usulynda, kada görä, iş wagtynyň jemlenen hasabaty aý, çärýek ýa-da beýleki has uzak hasaba alyş döwri üçin bellenýär, ýöne ol bir ýyldan köp bolmaly däldir.

27. Hasaba alyş döwri ähli iş wagtyny, kärhananyň ýerleşýän ýerinden ýa-da ýygnanyş nokadyndan iş ýerine çenli we yzyna ýoldaky wagty hem-de şu wagtyň senenama döwri üçin düşýän dynç alyş wagtyny öz içine alýar. Şunda, hasaba alyş döwri üçin iş wagtynyň dowamlylygy Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy bilen bellenen iş sagatlarynyň kadaly sanyndan ýokary geçmeli däldir.

Kärhanalarda aýlar we tutuş hasaba alyş döwri üçin ösýän jemi her bir işgär üçin işiň wagtynyň we dynç alyş wagtynyň ýörite hasaby ýöredilýär.

Iş ýerine we yzyna ýolda bolan günleri iş wagtynyň ölçegine goşulmaýar we wahtaara dynç alyş günlerine gabat gelip biler.

28. Hasaba alyş döwrüniň çäklerinde iş wagty we dynç alyş wagty wahtadaky iş tertibi bilen düzgünleşdirilýär, ol degişli kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp, kada görä, ýyl üçin kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar we onuň herekete girizilmegine çenli bir aýdan gijä galman işgärleriň dykgatyna ýetirilýär. Şeýle hem bellenen tertipde işgärleri wahta eltmek we yzyna getirmek üçin gerek bolan günler göz öňünde tutulýar.

29. Çalşykly işde işgärleriň her bir topary bir çalşygyň iş wagtynyň bellenilen dowamlylygynyň içinde işi geçirmelidir, we ol 12 (on iki) sagatdan ýokary geçmeli däldir.

30. Işgärleriň gündelik (çalşykara) dynç alşygynyň dowamlygy, naharlanmak üçin arakesmeleri hasaba almak bilen, 12 (on iki) sagada çenli azaldylyp bilner. Şu ýagdaýda doly peýdalanylmadyk gündelik (çalşykara) dynç alşyň sagatlary jemlenýär we hasaba alyş döwrüniň içinde goşmaça iş günleri görnüşinde (wahtaara dynç alyş günleri) berilýär. Şol aýda gündelik dynç alşyň günleriniň sany bu aýyň hepdesiniň doly günleriniň sanyndan az bolup bilmez. Hepdelik dynç alşyň günleri hepdäniň islendik günlerine gabat gelip biler.

31. Hasaba alyş döwrüniň gutarmagyna çenli işden boşan işgärlere olaryň razylygy bilen işden boşan senesi wahtaara dynç alşyň degişli günlerini hasaba almak bilen görkezilip bilner.

32. Kärhananyň ýolbaşçylaryna kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň ylalaşygy bilen, ussalar, iş döredijiler, bölümleriň (çalşyklaryň) başlyklary hem-de desgalarda gös-göni ýolbaşçylygy amala aşyrýan beýleki işgärler üçin esasy işçilere bellenen zähmet we dynç alyş düzgünini girizmek hukugy berilýär.

Şeýle hem wahtada işleýän beýleki ýolbaşçylar, hünärmenler we gullukçylar üçin iş wagtyny jemläp hasaplamak usuly girizilmeýär.

33. Hasaba alyş döwründe işgäriň işlemeli sagatlarynyň kadaly mukdary (40 sagatlyk iş hepdesinde) iş çalşygynyň dowamlylygy ýedi sagatdan, dynç günleriniň öň ýanyndaky günlerinde iş çalşygynyň dowamlylygy bäş sagatdan we işlenilmeýän baýramçylyk ýa-da hatyra günleriniň öň ýanyndaky günlerinde iş çalşygynyň dowamlylygy alty sagatdan ybarat bolan altygünlük iş hepdesinden ugur alnyp kesgitlenilýär.

Şunda, aýratyn zähmet şertleri bolan işleriň iş wagtynyň ölçegi, kanunçylyk bilen bellenilen gysgaldylan iş wagtyndan ugur alnyp hasaplanylýar.

Hasaba alyş döwründe işiň doly däl wagty bolanda (rugsat, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk we ş.m.), iş wagtynyň ölçegi işde ýok günlerine düşýän sagatlara laýyklykda düzedilýär.

## VI. Zähmete hak tölemek, ýeňillikler we öwez pullary

34. Wahta usulynda işler guralanda işgärleriň zähmetine hak tölemek aşakdaky ýaly geçirilýär:

potratçy-işçilere ýerine ýetirlen işleriň möçberi üçin ulaldylan, toplumlaýyn we beýleki hereket edýän kadalar we bahalar boýunça;

wagt hasabynda zähmete hak tölenilýän işçilere sagatlaýyn hakyky işlenen ähli wagt üçin, berlen hünär derejesine laýyklykda bellenen tarif möçberi boýunça;

desgalarda ýolbaşçylygy gös-göni amala aşyrýan ussalara, işleri öndürüji (prorab), bölümleriň (çalşyklaryň) başlyklaryna we beýleki işgärlere tertip boýunça ähli hakyky işlenen wagt üçin (sagatlaýyn) bellenen wezipe aýlyk zähmet haky boýunça. Şeýle ýagdaýda, işgärleriň sagatlaýyn möçberi aýlyk zähmet hakyny hasabat aýynyň önümçilik senenamasy boýunça iş sagatlarynyň sanyna bölmek arkaly kesgitlenilýär;

şeýle hem wahtada işleýän beýleki ýolbaşçylara, hünärmenlere we gullukçylara bellenen aýlyk wezipe zähmet hakynyň hasabyndan hakyky işlenen wagt (günlerde, sagatda) boýunça.

35. Işgärleri sylaglamak Türkmenistanyň kanunçylygy we kärhanada hereket edýän kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň ylalaşylygy boýunça we ýokary guramasynyň rugsat bermeginde iş beriji tarapyndan tassyklanan düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar. Şunda, sylag wahtaara dynç alyş günleriniň töleglerini hasaba almazdan zähmet hakyna hasaplanylýar.

36. Hasaba alyş döwründe, wahtanyň iş tertibiniň çäklerindäki iş wagtynyň kadaly dowamlylygyndan artyk işlenen dynç alyş günleri üçin tölegler dynç alşyň (rugsadyň) gelip ýeten gününe çenli işgärlere 7 (ýedi) sagatlyk iş güni hasabyndan bellenen tarif (aýlygynyň) möçberinde tölenilýär.

Kärhananyň ýolbaşçylaryna dynç günlerinde, wahtada kadaly işiň dowamlygyndan artykmaç işlenen iş üçin bellenen zähmet haky gorunyň çäklerinden ýokary möçberlerde tölemäge bellenen tertipde rugsat berilýär.

Bitewi iş günine (7 sagada) ýetmeýän iş wagtyndan artyk işlenen sagatlar, soňra tölegli wahtaara dynç günlerini bermek şerti bilen, bütin iş günlerine çenli hasaba alyş döwrüniň dowamynda toplanyp bilner.

Işgär işden boşanda ýa-da hasaba alyş döwri tamamlananda görkezilen sagatlaýyn tarif möçberiniň (aýlygynyň) hasabyndan tölenilýär.

37. Wahta (çalşyk) işgärleriniň wahta gelmedik ýagdaýynda wahta iş usuly bilen işi amala aşyrýan kärhanalaryň ýolbaşçylary, kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň ylalaşmagy bilen işgärleri beýleki çalşygyň gelmegine çenli wahtada işiň bellenen grafikleri bilen iş wagtynyň dowamlylygyndan artyk işgärleri işe çekip bilerler.

Iş wagtyndan artyk iş üçin töleg, iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen işe hak tölenişi ýaly Türkmenistanyň Zähmet kodeksine laýyklykda tölenilýär.

38. Wahta usuly bilen işleri ýerine ýetirýän işgärlere (söwda we jemgiýetçilik iýmiti, aragatnaşyk, ulag, saglygy goraýyş, bilim, tebigaty goraýyş kärhanalarynyň we guramalarynyň we wahta usuly bilen işleýän işgärlere hyzmat etmek ýüklenen beýleki edaralaryň işgärlerini goşmak bilen) wahtanyň döwründe işleriň geçirilýän ýerlerinde bolmagyň her bir senenama güni üçin, şeýle hem iş berijiniň ýerleşýän ýerinden (ýygnanyş nokadyndan) işleriň ýerine ýetirilýän ýerine çenli we gaýdyşyn ýolda bolnan hakyky günler üçin gije-gündizlik töleginiň ýerine işiň wahta usuly üçin goşmaça bir günlük tarif möçberiniň (aýlygynyň) 75 göterimi möçberinde hak tölenilýär.

Wahtadaky iş tertibinde göz öňünde tutulan kärhananyň ýerleşýän ýerinden (ýygnanyş nokadyndan) işleriň ýerine ýetirilýän ýerine çenli we gaýdyşyn ýolda bolnan günler üçin, meteorologik şertler boýunça we ulag kärhanalarynyň günäsi boýunça ýolda eglenilen günler üçin işgäre gündelik (sagatlaýyn) tarif möçberi (zähmet haky) saklanýar.

39. Wahta iş usulynda (göçme we gatnaw häsiýetli iş üçin goşmaça haklar, meýdan üpjünligi we gaýry) öwez pullarynyň beýleki görnüşleri tölenilmeýär.

40. Işiň wahta usuly üçin goşmaça hak, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda naharlanmagyň, jemgyýetçilik ulagynyň we aragatnaşygyň harajatlaryny öz içine alýan gije-gündizlik töleginiň ýerine berilýän öwezini dolma tölegi bolup durýar.

Şunuň bilen baglylykda, işgäre wahtada nahar berlende, onuň bahasy kanunçylykda bellenen goşmaça hakyň möçberine girýär.

41. Wahta iş usuly üçin goşmaça hakyň möçberi şu aşakdaky tertipde hasaplanýar:

aýlyk wezipe zähmet haky boýunça tölenilende – degişli işgärleriň aýlygy şol aýdaky senenama günleriniň sanyna bölünýär. Alnan gündelik stawka işgäriň

wahtada we ýolda bolan hakyky günleriniň sanyna köpeldilýär we bu pul möçberinden bellenilen ölçegdäki goşmaça hak kesgitlenilýär;

sagatlaýyn tarif möçberleri boýunça tölenilende – aýyň tarif möçberi şol aýyň önümçilik senenama boýunça iş sagatlarynyň sanyna köpeltmek arkaly kesgitlenilýär. Mundan soňraky hasaplama aýlyk wezipe haky boýunça tölenilýän işgärleriňki ýaly tertipde amala aşyrylýar.

42. Haçan-da işgär esasly sebäpler boýunça wahta (çalşyk) işgärleriniň ýygnanýan nokadyna öz wagtynda gelmese we iş desgasyna çenli özbaşdak gitse, iş beriji oňa gulluk iş saparlary hakynda düzgünleşdirilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan ölçeglere laýyklykda ulag çykdajylarynyň öwezini dolýar.

43. Wahta (çalşyk) işgärleriniň saklanan halatlarynda işgärlere ýaşaýyş jaýyny kireýine almak boýunça çykdajylaryň öwezini dolmak, gulluk iş saparlaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňüne tutulan ölçeglere laýyklykda amala aşyrylýar.

44. Wahtaara dynç alyş günleriniň tölegi bilen baglanyşykly çykdajylar zähmet haky gorunyň çäklerinde amala aşyrylýar.

Wahta iş usuly üçin goşmaça haky tölemek we ýolda bolunýan we saklanan wagt üçin tölemek bilen baglanyşykly çykdajylar, çenlikleriň hem-de işleri we hyzmatlary amala aşyrmak üçin niýetlenen harajatlaryň çäklerinde amala aşyrylýar.

45. Wahta iş usuly üçin goşmaça hak öwezini doluş tölegi hasaplanýar we ortaça zähmet haky hasaplanylanda hasaba alynmaýar.

## VII. Işgärleriň durmuş üpjünçiligi

46. Wahtada bolýan işgärleriň durmuş-medeni we ýasaýyş hyzmatlar boýunça meseleleri köpçülikleýin şertnamada göz öňünde tutulýar.

## VIII. Kepillikleri we öwez pullaryny bermegiň tertibi

47. Wahta iş usulynda işleýän işgärlere her ýylky esasy rugsat, şeýle hem oňa goşulýan goşmaça rugsatlar wahtaara dynç alşy peýdalanylandan soň bellenilen tertipde berilýär.

Dynç alyş günleri her ýylky esasy we zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsatlaryna hukuk berýän iş döwrüne goşulýar.

Eger rugsatlaryň tamamlanýan güni onuň işleýän toparynyň (çalşygynyň) wahtaara dynç alyş günlerine düşse, onda işgäre Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde göz öňünde tutulan tertipde wahtanyň başlanmagyna çenli tölemek bilen kärhanada başga iş berilýär ýa-da işgär wahtanyň başga çalşygyna geçirilýär. Taraplaryň ylalaşmagy boýunça bu işgäre zähmet haky tölenilmeýän rugsat bermek meselesi çözülip bilner.

48. Rugsatlaryň günleriniň tölegini hasaplamak üçin, hasabat döwründe berilýän dynç günlerini hasaba almak bilen ortaça zähmet haky Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda hasaplanylýar.

Işgäre tölenilýän dynç alyş günleri berlen ýagdaýynda, şeýle hem işden boşanda dynç alyş günleriniň öwezi dolunanda, dynç alyş günleri üçin tölegler ortaça aýlyk iş haky hasaplananda hasaba alynýar.

49. Başga ýagdaýlarda iş wagtyny jemläp hasaba almak bilen (rugsatlaryň ahli görnüşleriniň töleglerinden başga) işgärleriň ortaça zähmet haky boýunça tölegi amala aşyrylanda bir sagatdaky ortaça zähmet haky kesgitlenilýär (gulluk iş saparynda bolan işgäriň zähmet haky saklanyp galynanda; zähmet haky barada kepilnama berlende we başgalar). Şonuň üçin soňky iki aýyň dowamynda iş tertibi boýunça hakyky işlenen ähli sagatlar üçin zähmet haky, olaryň sagatlarynyň sanyna bölünýär. Bu işgäriň wagt aralygynda tölenilmäge degişli bolan hakyky işlenen iş sagatlaryň sany tölenilmelidir.

50. Wahta usulynda işleri ýerine ýetirýän işgärleriň wagtlaýyn zämete ukypsyzlygy olaryň dynç (boş) günleri ýüze çykan halatynda dynç günleri bilen gabat gelen zähmete ukypsyzlyk günleri üçin kömek puly berilmeýär. Eger-de wagtlaýyn zämete ukypsyzlyk dynç günler tamamlanandan soň hem dowam etse, onda kömek puly işgäriň işe çykmaly gününden başlap tölenýär. Şunda kömek puly zähmete ukypsyzlyk netijesinde iş wagtynyň goýberilen iş sagatlary üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen kadalara laýyklykda düzülen wagt tertibi boýunça berilýär.

51. Wahta usulynda işleri ýerine ýetirýän işgäriň wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly hasaplananda bir sagatdaky ortaça iş haky (ortaça sagatlaýyn iş haky) hasaplanýar. Ortaça sagatlaýyn iş haky zähmete ukypsyzlygyň ýüze çykan aýyndan öňki iki aýda hakyky işlenen, emma wahtanyň bellenen dowamlylygyndan köp bolmadyk ähli sagatlar üçin gazanjyň umumy möçberini şol sagatlaryň sanyna bölmek bilen kesgitlenýär. Kömek pulunyň möçberini hasaplamak işgäriň ortaça sagatlaýyn zähmet hakynyň we wahtada iş tertibi boýunça iş sagatlarynda wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwrüniň dowamlylygynyň esasynda geçirilýär.

## IX. Jemleýji düzgünler

52. Şu Düzgünnama laýyklykda bellenilen tertipde zähmeti guramagyň wahta iş usulyny ulanmak bilen bagly jogapkärçilik iş berijiniň (onuň wekiliniň) üstüne ýüklenilýär.

53. Şu Düzgünnamanyň iş beriji tarapyndan berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi we onuň garamagyndaky edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty
durmuş taýdan goramak ministriniň
2017-nji ýylyň 17-nji martynda
çykaran 18-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Meýdan şertlerinde işleýän işgärlere
meýdan üpjünligini tölemegiň
Tertibi**

1. Şu Meýdan şertlerinde işleýän işgärlere meýdan üpjünligini tölemegiň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 287-nji maddasyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan kärhanalar, edaralar we guramalar tarapyndan (mundan beýläk - kärhana) meýdan şertlerinde işleri ýerine ýetirýän işgärlere meýdan üpjünligini tölemegiň umumy tertibini kesgitleýär.

2. Meýdan üpjünligi bu işgärler tarapyndan meýdan şertlerinde işler ýerine ýetirilýän wagtynda ýokarlandyrylan harajatlaryň öwezini dolmagyň pul görnüşidir.

Meýdan şertleri bu işleri ýerine ýetirmegiň aýratyn şertleri bolup, önümçilik desgalarynyň (iş ýerleriniň) ilatly nokatlaryň çäkleriniň daşynda ýerleşen şertinde we işgärleriň özleriniň hemişelik ýaşaýan ýerlerine gündelik gaýdyp gelmekleri üpjün edilip bilinmejek ýagdaýynda işgärleriň hemişelik ýaşaýan ýerinden uzakda zähmeti guramaklyga esaslanýar.

3. Şu aşakdaky işgärler meýdan üpjünligini almaga hukugy bardyr:

a) önümçilik işi amala aşyrýan dolandyryş edaralaryň we bölümleriniň işgärleri; nebit-gaz çüwdürimleriniň öňüni almak boýunça we gaz ulgamlarynyň gurluş hiline gözegçilik edýän işgärler; Meýdan partiýalarynyň, ekspedisiýalaryň. nebit we gaz gözleg meýdançalarynyň, nebit we gaz ýataklaryny gurnaýan, turba geçirijileri gurýan we durkuny täzeleýän, kebşirlenen sepleriň hilini barlaýan edara kärhanalarynyň işgärleri; burawlaýyş, nebit-gaz guýularyny düýpli abatlaýyş işlerinde işleýän işgärler; markşeýderler, dag-magdan işleri (şol sanda pýezooptiki çig maly gazyp almak boýunça), geodeziýa we geologiýa surata düşüriş, geofizika, gidrogeologiýa, seýsmologiýa, inžener-geologiýa, aerogeologiýa, aero surata düşüriş, topografiýa, geodeziýa we beýleki geolog-gözleg we topograf-geodeziýa işlerinde, şeýle-de ugurdaş işlerde amala aşyrýan we hyzmat edýän edaralarynda işleýän işgärler;

b) tokaý hojalyk, tokaýy dikeldiş, tokaý-medeni, tokaý-gurluşyk, tokaý-gorag, ýangyna garşy, tokaý-meliorasiýa işlerini ýerine ýetirmek üçin iberilen tokaý hojalygy işgärleri, ýerli ösümlik çig malynyň tohumlaryny we tokaýyň azyk önümlerini ýygnamak we taýýarlamak bilen meşgullanýan işgärler;

ç) haýwanat we ösümlik dünýäsini goramak boýunça gözegçilige çykýan inspektorlar, hünärmenler we beýleki işgärler, şol sanda sürüjiler;

d) ylmy-barlag institutlaryň we goraghanalaryň ylmy bölümleriniň ylmy-meýdan barlaglaryna çykýan işgärler, şol sanda sürüjiler;

e) tapgyrlara, ekspedisiýalara, otrýadlara we meýdançalara göni hyzmat etmek maksady bilen döredilýän beýleki guramalaryň işgärler düzüminde durýan we bu meýdan guramalarynyň ýerleşýän ýerlerinde bolan işgärler;

ä) artezian guýularyny, şahtalary we turba geçiriji görnüşindäki guýulary burawlamak, öri meýdanlaryny suwlandyrmak we oba hojalyk suw üpjünçiligi bilen meşgullanýan işgärler;

f) barmasy kyn bolan ýerlerde işleýän gidrometerologiýa gullugynyň işgärleri;

g) Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi bilen ylalaşylan sanaw boýunça meýdan şertlerinde işleri berjaý edýän beýleki işgärler;

4. Meýdan üpjünligini tölemek şu Tertibiň 3-nji bölüminde göz öňünde tutulan şertlere laýyklykda işgärleriň meýdan işlerinde bolnan ähli senenama günleri üçin (stasionar guramadan çykan gününden oňa gaýdyp gelýän gününe çenli aralykda) amala aşyrylýar.

5. Meýdan şertlerinde işlenilýän we bolunýan wagty hasaba almagyň tertibi iş beriji tarapyndan kesgitlenýär we degişli buýruk bilen resmileşdirilýär.

6. Meýdan şertlerinde işlände işgäre dynç günleri üçin meýdan üpjünligini tölemek bu işgäriň ony nirede geçirýändigine (meýdan işleriniň geçirilýän desgada, meýdan guramasynyň bazasynda, işleriň geçirilýän ýerinden daşynda) baglydyr.

7. Bir günde bir işgär üçin meýdan üpjünligi hasaplananda hereket edýän Türkmenistanyň şäherlerine we ilatly ýerlerine hem-de onuň çäklerinden daşary gulluk iş saparlary hakyndaky Düzgünnama bilen kesgitlenen gije-gündizlik harajatlaryň möçberinde bellenilýär.

8. Meýdan üpjünligi ortaça zähmet haky hasaplanylanda hasaba alynmaýar.

9. Meýdan üpjünliginiň tölegi wagtlaýyn zähmete ukypsyz bolnan döwründe işgäriň meýdan işleriniň geçirilýän ýerinden hemişelik ýaşaýan ýerine gitmeklige mümkinçiligi bolmadyk şertlerinde ýa-da gitmeklik gadagan edilen ýagdaýynda saklanyp galýar.

10. Ýerli ýaşaýjylardan bolan meýdan üpjünligini almaýan, meýdan guramalarynyň işgärleri önümçilik zerurlygy sebäpli, meýdan işleriniň beýleki etrabyna geçirilen ýagdaýynda, özleriniň hemişelik ýaşaýan ýerlerine ýa-da stasionar guramanyň ýerleşýän ýerine her günde yzyna gaýtmaga mümkinçiligi bolmadyk wagtynda olara umumy esaslarda meýdan üpjünligi tölenilýär.

11. Meýdan üpjünligi aşakdaky ýagdaýlarda tölenilmeýär:

a) iş ýerlerinden özleriniň hemişelik ýaşaýan ýerlerine günde dolanyp gelmäge mümkinçiligi bolan işgärlere.

Işgäriň özüniň hemişelik ýaşaýan ýerine günde dolanyp gelmek mümkinçiligi hakyndaky çözgüt her bir aýratyn ýagdaýda kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýär, bu ýerde aralygyň uzaklygy, ulag aragatnaşygynyň şertleri, ýerine ýetirilýän işleriň häsiýeti, şeýle hem işgär üçin dynç alyş şertleriniň zerurlygy göz öňünde tutulýar;

b) işgär rugsatda bolan wagtynda, şeýle hem işgär esassyz sebäbe görä işe çykmadyk ýagdaýynda;

ç) işgär şäher görnüşindäki şäherçelerde ýerleşýän otrýadlaryň, bölümleriň we nebit gözleýän tapgyrlaryň, ekspedisiýalaryň we olara deňleşdirilen guramalaryň

bazalarynda işlän wagtynda we olar kanunçylyk namalarynda bellenen kadalar boýunça amatly ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün edilende;

d) işiň wahta usuly üçin ýa-da işleriň göçme we (ýa-da) gatnaw häsiýeti bolan şertlerde işleýändikleri üçin goşmaça hak alýan işgärlere.

12. Meýdan şertlerinde işlerini ýerine ýetirýän işgär gulluk iş saparyna gidende oňa meýdan üpjünligini tölemek bes edilýär, gulluk iş sapary bilen bagly harajatlar Türkmenistanyň şäherlerine we ilatly ýerlerine hem-de onuň çäklerinden daşary gulluk iş saparlary hakyndaky Düzgünnama laýyklykda tölenilýär.

13. Meýdan üpjünligini tölemek bilen bagly harajatlar iş önümçiligiň harajatlarynyň çäklerinde amala aşyrylýar we işleriň özüne düşýän gymmatyna degişli bolýar.

Meýdan üpjünligini tölemek bilen bagly çykdajylar ýerine ýetirilýän işleriň umumy gymmatyny düzýän kadalaşdyryjy resminamalarda we bahany hasaplamak üçin çenlikde öz beýanyny tapýar.

14. Meýdan üpjünligiň tölegi şu Tertibiň 7-nji bölümi bilen bellenilen möçberden daşary kärhananyň ygtyýarynda galýan girdejiniň hasabyna amala aşyrylýar we köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen bellenilýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2017-nji ýylyň 8-nji aprelinde bellige alyndy.
Bellige alyş sany 1052.